**Asyllylyk gan gelip çykyşynyň, baýlygyň däl-de, adamyň ahlak şahsyýetiniň görkezijisidir.**

Türkmene mahsus milli gylyk-häsiýetleri: lebzine ygrarlylyk, sözüniň eýesi bolmak, wepalylyk, garadangaýtmazlyk, merdi-merdanalyk, edermenlik, batyrlyk, geçirimlilik, salyhatlylyk, jomartlyk, kanagatlylyk, sabyr-takatlylyk, ruhubelentlik, dözümsizlik, ugurtapyjylyk…
Biz näme diýip «Gorkut ata» kitabyny, «Görogly» şadessanyny çyn ýürekden söýýäris, çünki biz ol eserlerde ata-babalarymyzyň — hakyky türkmeniň jöwher ýaly ýanyp duran gylyk-häsiýetlerini görýäris, şol gylyk-häsiýetler esasynda özümizi terbiýeleýäris.
Ata-babalarymyz adam häsiýetlerini iki topara bölüpdirler:

1. Gowy häsiýet, ýagny hemmelere ýaraýan: ruhubelentlik, öz-özüňe erk etmek, wepalylyk, mylaýymlyk, geçirimlilik, dogruçyllyk, zähmetsöýerlik, mertlik, salyhatlylyk, jomartlyk, ynsanperwerlik ýaly häsiýetler.
2. Ýaramaz häsiýet, ýagny köpçülik tarapyndan halanmaýan, ýazgarylýan: garasöýmezlik, gopbamsylyk, özüňe aşa ýokary baha bermek (egoizm), ýaltalyk, biperwaýlyk, ulumsylyk, tekepbirlik, nadanlyk, rehimsizlik, nebsewürlik, husytlyk, gorkaklyk, açgözlük, gödeklik, ýaranjaňlyk, nalajedeýinlik ýaly häsiýetler.

Rus ýazyjysy M.Gorkiý ýazyjylara «adam ruhunyň inženerleri» diýen kesgitleme berýär. Ýazyjy-şahyrlar eserlerinde isle ol haýwanlar hakynda bolsun, isle ösümlikler hakynda bolsun, adam häsiýetlerini açyp görkezmäge çalyşýarlar. Eserlerindäki gahrymanlary, esasan, iki topara bölýärler: ýagşy adamlar we ýaman adamlar. Ýazyjy ýagşyny wasp edýär, ýamany näletleýär, ýazgarýar. Şonuň üsti bilen hem okyjyny terbiýelemegi maksat edinýär. Ýagşy adamlara meňzemegi ündeýär. Gadymy edebiýat-da, häzirki zaman edebiýaty-da öz öňünde, esasan, adamlary terbiýelemegi wezipe edip goýýar. Şonuň üçin-de, talyplara çeper edebiýatlary ürç edip okamagy maslahat berýäris.

Emma durmuşda adamlary çeper edebiýatdaky ýaly, ýagşy adamlar ýa-da ýaman adamlar diýen iki topara bölüp bolarmy?! Elbetde, bölüp bolmasa gerek. Köpçülik tarapyndan halanmaýan adamdan hem birden oslanmaýan gowulygyň çykaýmagy mümkin. Ýa-da sypaýy, mylaýym adamdan hem garaşylmaýan gödekligiň çykmagy mümkin.

**Humaý ATABAÝEWA**
**Daşoguz welaýatynyň**
**Beki Seýtäkow adyndaky mugallymçylyk**
**mekdebiniň talyby**

Все права защищены